# Baýdeniñ külleri bilen Trampyñ odunyñ arasyndaky dünýä

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Baýdeniñ külleri bilen Trampyñ odunyñ arasyndaky dünýä
BAÝDENIÑ KÜLLERI BILEN TRAMPYÑ ODUNYÑ ARASYNDAKY DÜNÝÄ




Dünýä üstümizdäki aý Germaniýada geçirilen we häzirem dowam edýän futbol ýaryşynyñ oýunlaryna tomaşa etmek bilen birlikde ABŞ-da prezident Jo Baýden bilen onuñ bäsdeşi öñki prezident Donald Trampyñ arazyndaky çekeleşige tomaşa etdi.
Dünýäniñ iñ güýçli ýurduny dördi Donald Trampda, dördi Jo Baýdende – jemi sekiz ýyllap dolandyran iki adamyñ özüni alyp barşy hakyky ýetmeli derejesinden kän kemter gaýdýardy. Bularyñ hakyky bahasyny bermek, haýsysynyñ dil we beden dili taýdan has güýçli we gallaw, tomaşaçylaryñ üstünde has köp

täsire eýedigi deňeşdirmesine esaslanýar.
Umuman alanda aradan geçen bu sekiz ýyl adamzat taryhynyň iň kyn geçen ýyllarydy: Ýewropanyň ortarasynda ýüze çykan, ýadro urşunyň bäri gyrasynda duran we uzak wagtlaýyn uruş dowam edip dur.
Gazäniň uzak wagtlaýyn, örän ýykgynçylykly we gandöküşikli, ýaýrama ähtimallygy güýçli we ot-ýalyny Babyl-Mendebe çenli uzaýan sebitleýin urşuň gyrasynda dur.
Prezident Baýdeniň bagtyna bu ýyllaryň iň gyzgyn ýeri onuň häkimiýet başynda oturan wagtynda boldy we bu onuň dünýäni dolandyrmaga mynasyp lider däldigini mälim eden test boldy, onuň işlän ýyllarynda hiç bir gyzgyn konflikt sowadylmady.
Dünýäniň hiç bir durnuksyz sebitinde üstünlik gazanylmady. Hasam beteri ABŞ-nyň tutuş kontinenti galkyndyrmaga ýeterlik harçlama eden, emma hemmesiniňem ýele sowrulan ýeri Owganystandan masgara bolup çykanda bolup geçenlere meňzeş şowsuzlyk bolup geçdi.
Donald Tramp prezidentlik eden ýyllarynda ABŞ-nyň öň hatarynda çaknyşdy. Nyrhlar we edilýän çykdajylar boýunça düşünşip bilmeýän telekeçi ýaly hereket edip, ýurdunyň howpsuzlyk we harby ýarany NATO bilen gatnaşygyna pitiwa etmedi.
Ýakyn Gündogarda onuň üçin «Asyryň ylalaşygy» ady bilen ylalaşyk taýýarlandy we ol muny yglan edip, almytyny aldy.
Ylalaşyk uly global meseläni çözmäge niýetlenmändi, gaýtam ol ýangyny möwjetmek we ylalaşygyň awtory Netanýahuny goldamak üçindi. Tramp palestinalylaryň we siriýalarynyň kisesinden alyp, oňa jomartlyk bilen eçildi. Golany, Beýtulmukaddesi we Günbatar Şerianyň üçden birinden gowragyny oňa berdi. Ikinji gezek saýlanan bolsa dagy, ýene nämeleri etjekdigini bellisi ýokdy!
Tramp saýlawlarda asgyn gelenden soň Latyn Amerikasyndaky goňşularynda bolup geçen harby döwlet agdarlyşyklaryna we ýewropa diktatorlyklaryna meňzeş amerikan obrazyny döretdi.
Ýewropada mejlise kürsäp urýan we mejlisiniň zalynda ok ýagdyrýan ofiser görmedikmi näme? Edil şolar ýaly ýagdaý Kongresde-de gaýtalanyp, saýlaw sandyklaryndan çykan netijäni üýtgetjek bolup ok atylmadymy näme?
Tramp gitdi we dünýäniň aglaba bölegi muny baýram etdi, onuň garşydaşy Baýden bolsa batly sesler we uly howp-hatarlar bilen Ak Tama girdi.
Baýden barada aýdanda, onuň möhletiniň tamamlanmagyna birküç

aý galanda nämeler bolup geçdi?
Hytaýyň soňky beren duýduryşyna çenli dünýäniň ketdeligini edýän ABŞ dünýäniň iň esasy sebitleri bolan Ýewropada we Ýakyn Gündogarda jemlenen ähli ýakyp-ýandyryjy meselelerde asgyn we täsirsiz bolup göründi.
Baýden Ukrainada ikirjiňlendi we agsady. Zelenskiý ondan nägile. Putinem ony halap baranok.
Supergüýç Ýakyn Gündogarda hyýalbent ysraýyl sagçylarynyň atlarynyň başyny çekýän araba öwrüldi. Şeýdibem Baýdeniň hökümeti XX-XXI asyrlarda ýönekeý ilatyň we çagalaryň iň gorkunç formada öldürilmeginde gönüden-göni şärikdeş bolup göründi. Hökümet tomaşa görkezýän ýaly uruş gidýän ýerde bolmaga üns berdi. Şeýdip ýörüşlerine Ak Tam tasdanam Ýakyn Gündogara göçýärdi.
Blinken, Bill Barns, Jeýk Salliwan ýa-da Hokstaýn ýygy-ýygydan gelip-gitse-de, birküç günlük ok atyşygy bes edýän arakesmäni üpjün edip bilmedik hallaryna Tel-Awiwde, Kairde, Dohada, Beýrutda özlerine aýratyn iş otagyny edindiler diýsek, hiç bir tarapdan öte geçmeris.
Dialog derejesiniň uly ýurda we dünýäniň iň güýçli, iň esasy iki prezidentiniň bolşuna gelişmeýän çekeleşmäniň yzyndan supergüýjiň bütin dünýäniň üstündäki täsiriniň azalýandygyny aýdanlaryň sany iki esse köpeldi.
Dostlary we soýuzdaşlary ýaranlyklarynyň gowşaklyklaryny we nähili peýdaly bolup biljegini has gowy duýdular.
Şol bir wagtyň özünde sebitleýin emele gelmeleriň özlerine ynanma, baýlyk, içerki durnuklylyk we her ýurduň arassa bähbitlerine esaslanýan deňagramly gatnaşyklar gurma azatlyklaryna meýilleri-de güýçlendi.
Munuň özi bir bitewilikde arenanyň ýeke-täk oňyn tarapy bolup biler. Çekeleşigiň öňüsyrasy we gidýän wagty seňselän dünýä çekeleşikden soňam Baýdeniň külleri bilen Trampyň odunyň arasynda galar.
Nebil AMR,
Palestinaly syýasatçy we žurnalist.

Sişenbe, 02.07.2024 ý. Publisistika